# Bazar oýlanmalary

Category: Goşgular,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bazar oýlanmalary BAZAR OÝLANMALARY



1.
Çoganlyň bazarynda,
Kän zat bar.
Zatlaryň baram
Pula hyrydar.
Iňňe-oýmakdan başlap,
Dur ekskawator.
Bolmasaň sen pula zar,
Agzanyň taýýar.
Pul gerek diýseň,
Manatmy, dollar,
Pulam tapylýar.
Ýöne puluň özi hem
Pula satylýar.

2.

Şäher bazarlarynyň,
Adamdan doly sepi.
Alyjam bar weli,
Alyp-satarlar köpi.
Göräýmäge ýerem kän,
Elteniň satar ýaly,
Belki, ussadyr, daýhan,
Öz zadyn özi,
Satmak hyýally.
Ýöne bar ýer eýeli.
Alyp-satýanlaň ýeri.
Ekende ýok tikende,
Gujaklap dur ýerleri.
Bazar iýermenleri.

3.

Direktor bellediler,
Ony Uniwermaga.
Bardyr-da penakäri,
Birden beýge galmaga.
Eýýäm giden iş etdi.
Gojalanlaň iş ornun,
Kemeltdi-de, ýogetdi.
“Emleýänleriň” onun,
Iş ýer edip, köpeltdi.
Söwda ýernem üýtgetdi.
Geçilýän ýeri ýapdy,
Iýip-içilýän etdi.
Birden ýangyn döränne,
Gaçylýan ýerem ýapdy,
Dükan edip, beýgeltdi.
Şeýdip, bar ýeri satdy.
Indem Söwda merkezde,
Aýak basara ýer ýok.
Deregne direktoryň

Jübi pully, garnam dok.

4.

Iki müň ýedidedi,
Ir säher wagty,
Jygyllykda tapypdym,
Ýiten sungaty.
Ýaňlandy radioda,
Dutar owazy.
Owaza tämizlendi,
Bazar howasy.
Sebäp dutar ýitipdi,
Halkyň hakydasyndan.
Galypdy halk ir-säher,
Saza oýanmasyndan.
Şo günlerde Arkadag,
Lider bolup başlapdy.
Sungat halkyňkydygyn,
Dutar bilen buşlapdy.
Eý, halkyň Jygyllygy,
Soň eý gördüm men seni,
Halk sazynyň mesgeni!

2024 ý. Goşgular